# «Kommunist posasy» häzirem dowam eden bolsady…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025

"Kommunist posasy" häzirem dowam eden bolsady… **«KOMMUNIST POSASY» HÄZIREM DOWAM EDEN BOLSADY…**




*Dünýäniň koronawirusly we ondan soňky halyny göz öňüne getiriň!..*
Işine ezber lukmanlaryň aýdýanlaryna gulak gerseg-ä, koronawirus belasy durmuşymyzdan birnäçe aýdan soň kem-kemden çykmaga başlajakmyş, emma ol dep bolup gidäýende-de, käbir öwrenşen endiklerimizi özi bilen bile alyp gitjege meňzeýär…
Indi dost-ýarlarymyza sataşanymyzda öňki ýaly mähirli gujaklaşmalary, şapbada-şupba ogşaşmalary we ş.m. tüýs ýürekden çykýan mähir-muhabbetli hereketleri uzak-uzak wagtlap edip bilmeris…
Ýolda barýarkak tanyş-bilişlerimizi görende ikitaraplaýyn "Sal-am-mm!" diýşenden soň gujaklaşyp ogşaşmak adatymyzdyr, emma biz bu işi mundan beýläk makul çäkde tutmaly bolarys, ogşaşma bölümini we posany gondurjak ýerimizi hem-de wagtymyzy süýkdürip-sarkdyryp durmarys…
Şapbada-şupba ogşaşmagyň hezilini görenler birmahallaryň kommunist liderleridi… Olar biri-birleriniň ýaňagyny ýöne ogşap oňaýmazlardy, dodaklaryny berk gysyp we birnäçe sekuntlap leb-lebe ýapyşdyryp posa alşarlardy!
Haýy gidip waýy galan, bir aýagy görde iki adamyň halkyň gözüniň alnynda öňküleriň "dil urşy" diýen şeklinde

dodaklaryny biri-biriniñkä geýdirip durşuny göz öňüne getiriň! Belkäm, ýüregňiz bulanar we "Äý-wäýeý!" diýip kelläňizi başga tarapa öwrersiňiz, ýa-da ýedi ýoluň ortasyna dikilgazyk bolup duran bu alasamsyklaryň bolşuna seredip gülmäge başlarsyňyz, her ikisi-de bolup biläýjek zat…

Adama öpüşmegi ýigrendirip biljek şular ýaly mähir-muhabbet görnüşine syýasat terninologiýasynda “sosialist doganlyk posasy” diýilýär. Baryp-ha, geçen asyryň 30-njy ýyllarynda Staliniň döwründe giňden ýaýran bu nysak 1964-1982-nji ýyllarda SSSR-e ýolbaşçylyk eden Leonid Brežnewiň goluna düşen bir "samsygyň", ýagny kommunist lideriň dodagyndan öpmäge ymtylmagy bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi. Onuň posa sahnasyny dünýä jemgyýetçiliginiň bir bölegi gülüp tomaşa etse, galan beýleki bölegi seňriklerini ýygryp haýran galmak bilen synlady.

Sowet liderleriniň dodakdan aslyşyp öpüşip bilmedik ýeke-täk kommunist lideri Hytaýyň meşhur Mao Szedunydyr… Moskwanyň Brežnewden öňki ketdesi we şol bir görnüşdäki dodakdan aslyşmaga höwesgär Nikita Hruşýow 1959-njy ýylda Pekine gidende Mao bilen duşuşanda dodagyny Maonyň dodagyna ýetirmek üçin öňe omzanda, Mao bir ädim yza çekilip, Hruşýowyň islegini puja çykarypdy we olar diňe elleşmek bilen oňmaly bolupdy…

SSSR-iň hökmürowanlyk süren döwründe "sosialist doganlyk posasy" diýilýän dodakdan ogşaşma däbine ýolbaşçylaryň aýallary-da hökmany suratda eýeräýmelidi.

Muňa mysal edip Gündogar Germaniýa respublikasynyň döredilmeginiň otuz ýyllygy mynasybetli geçirilýän baýrama gatnaşmak üçin Gündogar Berline giden Leonid Brežnewiň we Gündogar Germaniýanyň döwlet ýolbaşçysy Erik Honnekeriň 1979-njy ýylyň 7-nji oktýabryndaky ogşaşygyny "sosialist doganlyk posasynyň" klassyky nusgasy hökmünde görkezse bolar.

Fransuz fotosuratçysy Regis Bosunyň gözüne ilen bu pursat birnäçe ýyllap syýasat dünýäsine-de, satira dünýäsine-de ýaňsy temasy bolup hyzmat etdi, bu – Berlin diwarynyň ýykylmagynyň yzysüre, 1990-njy ýylda diwaryň gündogar bölegine graffiti (diwar suraty) hökmünde-de çekildi, çekilen surat graffiti sungatynyň ajaýyp nusgasy hasaplandy.

Mysal getirlen beýleki "kommunist posalarynyñ" suratlarynyñam nirede we haçan düşürlendigini her biriniñ aşagyna ýazylan ýazgydan görüp bilersiñiz…
Bu nysagyñ SSSR-iñ çäginde häzirem dowam edýändigini hyýalyñyza getirip görüñ: adamlar şapbada-şupba ogşaşdygyça koronawirus Gündogar blogyny boýdan-başa çepbe çöwrüp taşlardy!

Myrat BARDAKÇY.

"HABERTÜRK" gazeti, 25.04.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Geň-taňsy wakalar